# Aşgabadyñ taryhynda ilkinjiler

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aşgabadyñ taryhynda ilkinjiler MUNY BILMEK GYZYKLY

▶ AŞGABADYÑ TARYHYNDAN ILKINJILER

☆ 1881-nji ýylda Aşgabatda ilkinji poçta bölümi açylyar.

◆ ◆ ◆

☆ Uýezd naçalniginiñ 1882-nji ýylyñ 15-nji oktýabryndaky raportyndan:
«Köçelerde 25 sany çyra oturdylmagyny uçursyz zerur hasaplayaryn».

◆ ◆ ◆

☆ 1884-nji ýylda bir hojaýyn şäherde ilkinji dermanhanany açýar.
1886-njy ýylyñ ýazgysyndan: wokzaldan şähere çenli aralyk bir kilometr yol!

◆ ◆ ◆

☆ 1904-nji ýylyñ 13-nji maýynda «Ashabad» gazeti «Aşgabatda awtomobilleriñ sany 12-ä yetdi. Hereket düzgünini girizmeli» diyp ýazýar.

◆ ◆ ◆

☆ 1910-njy ýylda Asgabadyñ kärhanalarynda bary-ýogy 210 adam işlapdir. Şäherde 11 mekdep, 12 ybadathana bolupdyr.

◆ ◆ ◆

☆ 1927-nji ýylyñ 3-nji ýanwarynda türkmen ýazyjylarynyñ

ilkinji agsamy üstünlikli geçýär.

◆ ◆ ◆

☆ 1928-nji ýylda Çärjew-Daşoguz aralygynda ilkinji howa yoly acylyar. Türkmenleriñ arasynda ilkinji lýotçik bolsa Anjan Amanowdyr.

◆ ◆ ◆

☆ 1937-nji ýylyñ 27-nji iýulynda Aşgabatda, Krasnowodskide, Maryda, Bayramalyda, Çärjewde, Kerkide, Daşhowuzda sazçylyk mekdeplerini döretmek barada karar kabul edildi.

◆ ◆ ◆

☆ 1934-nji ýylyñ 14-nji maýynda radio alyp eşitdirmek komiteti Türkmenistanda ilkinji türkmen sazlarynyñ orkestrini döredýär. Taze orkestr tükmen aýdym sazlaryny ýerine ýetiripdi.

◆ ◆ ◆

☆ 1938-nji ýylyñ 2-nji aprelinde öñden bar bolan sazçylyk kollektiwleriniñ bazasynda türkmen döwlet filarmoniýasy döredilýär.

◆ ◆ ◆

☆ 1938-nji ýylyñ 17-nji maýynda türkmen teatrynda Turkmenistanyñ bagşylarynyñ we şahyrlarynyñ birinji slýoty geçirilyar.

Toplan: © Has TÜRKMEN. Taryhy makalalar